# Ejem /poema

Category: Kitapcy,Poemalar,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ejem /poema EJEM

(Elegiýalar)

I.

Başymyz dik, zada zar däl, bolçulyk,
Bir oňatlyk, etseň arzuw hyýaly.
Günler barýar islegiňe gowşuryp,
Bu seň küýsäp ýören arzuwlaň ýaly.

Seniň küýsäp ýören günlerňe geldik,
Hemmezat gowulyk, arman, diňe sen…
Ýok-da aramyzda , uçardy derdiň,
Biziň ýürek aýdymmyzy diňleseň.

Uçduň gitdiň, aramyzdan, eý, aman,
Goýduň bizi, goýduň bizi armana,
Ýollar ýapyk, ýodalar ýok, eý, aman,
Eje jan- deiýp, halytň sorap barmaga.

Säherler mähirden doly gözlerňi,
Ýüregmizde ýakyp, süňňümde ýakyp,
Eşitsem diýp, mähir doly sözlerňi,
Barýaryn ýanyňa, otagyň ýapyk.

Ol otagyň işiginiň gulpuny,
Ejiz men açardan, güýjüm ýeterden,
Onsoň gaýdýan, boýnum burup, gultunyp,
Dolup-daşyp, kalba doplan heserden.

* * *

Boşap galdy törümiz,
Boşady, obam.

Sen ekeniň gelşigi.
Eje jan, käbäm.

Indi kimi göreli,
Baraly kime.
Hiç öwrenşip bilemok,
Ejesizlige.

Toýa çagyrsalar,
Seni ýatlaýan.
Ýasa çagyrsalar Seni ýatlaýan.
Seni alyp giden,
Şum ajal, käbäm,
Bagrym otlaýar.

Öňler men girerdim,
Seniň düýşüňe,
Indi sen girýärsiň,
Meniň düýşüme,
Seni alyp giden,
Şum ajal, käbäm,
Azy urdy gujuryms, güýjüme.

Öňler sen aglardyň,
Meniň deregme.
Indi men aglaýan Seniň deregňe.
Seni alyp giden
Ajal, eje jan,
Azy urdy ýüregme.

II.

Ynsan kalby umytlardan püre-pür,
Ýyllar umyt bolup, urup dur serde.
Gör, näçe umytlar, näçe arzuwlar,
Galypdyr, galypdyr, geçen günlerde.

Aýlar, günler ganatyny galgadyp,
(Kimsäni güldürip, kimi agladyp),

Ýyllary geljege äkidip barýar.
Bize bolsa oň emrinden dynma ýok,
Ýyllar-gämi, durmuş ullakan derýa.

Ýyllar bizi senden äkidip barýar,
Öňde ýene täze günler, seneler,
Ogullaryn göterse-de gursakda,
Aýry ykbal bilen gezýär eneler.

Ähli hesretleri ýürekde galýar,
Ähli söýenleri siňýär ýürege,
Soň bolsa näbelli kenarda galýar,
Ogullaryn bolsa, ugradýar öňe.

* * *

Ejem! Bu aýrylyk, baky aýrylyk,
Gitdiuň, käbäm, saňa gaýdyp gelme ýok.
Toýuna guwanyp goç ogýllaryň,
Boýuna guwanyp goç ogullaryň,
Saňa käbäm, şatlanma ýok, gülme ýok.

Bize goýup gitdiň bularyň baryn,—
Bu dünýäniň şatlygyny, aňzaryn.
Indi diňe togap edip oňmaly,
Uzak ilde, ýalňyz galan mazaryň.

Gara ýere mynasypmydyr Ynsan,
Kim dözer, bilemok, ejesin ýere.
Bu gün seniň eziz keşbiň ýat edip,
Aglaýaryn ähli ejesizlere.

Oba gitseň geleriňwe howlukdym,
Öýe girseň, çykaryňa howlukdym.
Gamlanan çaglaryň, aýrylyp gussaň,
Bir ýylgyryp bakaryňa howlukdym.

Indi bolsa, sensiz geçen günleriň,
Mazasy kem, tagamy kem, duzy kem.

Ogluň üçin bu durmuşyň, eje jan,
Mazasy sen, tagamy sen, duzy sen.

III.

Säheriň kirişi şeýle bir çekik,
Ýalaňaç çybyklar iňläp dur, iňläp,
Ejizje pudaklar zaryn ses edýär,Ejesin ýitiren ogula meňzäp.

Däli-Mežnun, asmandaky bulutlar.
Ýyldyrym atyny çapýar çar ýana.
Meňzeýär, Ezraýyl, onuň, misli bir,
Ejesin elinden alyp narýana.

Gije gökde doňup galan bulutlar,
Başy gara bürenjeli altynAý,
Gözünde ýaş, buldurap dur, buldurap,
Oň hem çekip-çydap bilmez derdi bar.

Bary seniň takdyryňa gynanýar,
Ah, ölümiň daşdady-la, eje, jan.
Hemmeler ejesin söýýändir weli,
Wah, meniňki başgady-la, eje jan.

* * *

Biz seni apalap saklap bilmedik,
Bilmedik biz kysmatyňy öňünden.
Biz seni goraglap saklap bilmedik,
Ajalyň elinden, zalym ölümden.

Sen bize bal berdiň,
Ýüpek geýdirdiň,
Şeýdip goşduň, käbäm, iliň derdine.
Ýöne biz ýetişip bilmedik, käbäm,
Ajal el uranda seniň demiňe.

Sen özüň iýmediň, bizi iýdirdiň,
Sen özüň geýmediň, geýdirdiň bize.
Özüň däl, dünýäniň ähli lezzeti,

Gerek, hökman gerek öýderdiň , bize.

Bizi ýalňyz özüň göterip belent,
Öýerdiň, çykardyň, myrada ýetdiň.
Ýöne bu ykbalyň oýnuna seret,
Bizi ýola salyp, dünýäden gitdiň.

IY.

Käteler oturýan, oýa gark bolup.
Birdenem ýüregim ynjadýar sanjy.
Ah,ajy oýlarda bolanok sypyp,
Ykbal başymyza ne oýun saldy.

Pikirleriň girabyndan çykmaga,
Oýlardan çykmaga ýetenokgaýrat,
Baharyň jadysy, güýzüň melhemi,
Süňňüme henizem bilenok ýaýrap.

Baharyň gülleri ilenok göze,

Güýzüň ýapragyndan gözleýän many.
Uçup barýan durnalardan soraýan,
„Ejem, eziz ejem bir ýerde barmy?!“.

Durnalaň gussasyn alan bulutlar,
Bagryňyzdan syzlyp asmandan ýagýar.
Ol ýagmyr gussamy öçürden ejiz,
Kalbymy ot alyp, ýüregim ýanýar.

* * *

Gijeler tisgnip, ýerimden galýan,
Diýýän, „Nädip, seniň göwnüň awlaryn“.
Gyzyň ýokdy, derdinerdiň meň bilen,
Bu gün seniň gyzyň bolup aglaryn.

Bilýän aglamakdan ýoklugyn peýdaň,
Nätjek, onda ýürek dönse heýjana.
Bilemok käteler, bilemok, käbäm,

Seni idäp çykanymy, meýdana.

Seni juda-juda göresim gelýär,
Wah, ýene ýekeje synjasam keşbiň.
Seni düýşde görmek üçin ýatýaryn,
Ýogsa ukyň mazalaryndan geçdim.

Seni juda-juda göresim gelýär,
Eşitsedim eziz, owadan sesiň.
Synlap, seniň deň-duş aýallaryňy,
Gelýär seni juda-juda göresim.

Meniň aglanymy islemändiň sen,
Nätjek, sensiz meniň ýüregim gysýar.
Meniň gaýnap duran gözýaşlarymy,
Sowadyp-seçeläp, aglaýar asman.

Y.

Topragyň astynda ýatyrsyň rahat,
Ejizligiň bilen, päkligiň bilewn.
Men seni gözleýän ýeriň üstünden,
Öwrenşemok, ýeketäkligiň bilen.

Bahar çigildemler açanda läle,
Şolarda eglenýär gözýaşly çeşmiň.
Belki, sen şolara berensiň, käbäm,
Päkize mähriňi, owadan keşbiň.

Çynarlardan sorap, leýlisaçlardan,
Habar aldym, ýoksen, idäýin nirden.
Bir azajyk irkileýin bolmasa,
Keşbiňden ganaýyn, düýşüme gior sen.

Gülüşip, gürleşip, keýpden çykaýyn,
Rahatlyk ber, soň, eziz ogluňa.
Menem bir wagytky bäbegiň bolup,
Ýüzüňden ogşaýyn, böküp boýnuňa…

Ak dereklеň guwanýan-da boýuna,

„ senmisiň, eje jan!“ soraýan birden.
Olarassajadan pyşyrdaşýalar,
„Biz başgaň ejesi!“agralýar derdim.

* * *

Ýene säher, buldurjyrap asuda,
Aram duýgularda doldyr serimi,
Säher ýeli oýnap giçki gunçany,
Hem seçeläp güýzüň sary perini.

Gözýaş ýaly damjalary gizleýär,
Ýapraklaň ýüzünden gülleň lebinden.
Düýnki çeken gussalarmyň ýerine,
Şatlyk ysy gelýär güýzüň deminden.

Gün doganda onuň nury-ýalkymy,
Seň gözleriň nury bolup, eý, käbäm.
Güýzüň sary ýapragynda yranýar,
Sen ýanymda,
Gün kysymy ömürlik sen, baky sen,
Ejeleriñ ölmeýänne ynanýan.

10-15 awgust 1980.